# Eý adamlar, siz kim we nirä barýañyz?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý adamlar, siz kim we nirä barýañyz? EÝ ADAMLAR, SIZ KIM we NIRÄ BARÝAÑYZ?



Her gün köçelerde, metrolarda, marketlerde, ýanymyzda bolan müñlerçe, millionlarça adam… Näme üçin nirädir bir ýerlere haýdaşyp barýarlar, nämüçin hemişe ellerindäki telefona dümtünip barýarlar?
Kim bu adamlar? Nähili ýaşaýarlar?
Gowy adamlarmy ýa erbetmi?
Ogrumy, jümrimi, ugursyzmy, utgasyzmy?
Durmuşdaky esasy matlaplary näme?
Maña meñzeýärlermi ýa-da men olara meñzeýärinmi?
* * *

Her gün millionlarça adamyñ arasynda gezip ýörkäm käte aklyma şu soraglar gelýär.
Köçede köpçüligiñ arasyndakam… Ýa-da metroda. Ýa-da uçarda. Ýa

bolmasa supermarketde. Liftde…

* * *

Meselem, «Istiklal» prospektinden ýa-da «Taksim» meýdanyndan geçende. Hemmeler durman surata düşýär. Belli bir bölegi öz-özüni surata alanda özünden göwnühoş: Selfi şadyýanlygy bu!
Bular ýaly «möhüm» surata düşüşlikler wagty olaryň arasyndan geçmek gelşiksiz. Hiç kimiň «arasyna düşesim» gelenok. Emma olaryň yzy gutarmasa näme. Biri gidýär, başga biri gelýär. Ýörär ýaly däl.
Sypaýyçylyk edeniň bilen bolaýanok…

* * *

Adamlar nämüçun beýle köp surata düşýär? Munça selfi nämä gerekkä?
Ýüzlerçe, müňlerçe gezek surata düşýänler öwrülip şol «ajaýyp pursatlaryna» seredýärlermikä beri? Seredende näçe gezek seredýär?
Bu işe beýle özüňi aldyrmagyň aňyrsynda «taryhda galma» höwesi barmyka ýa?
«Şol pursat» şol fotosurat bilen saklanýar. Wagt durýar, pylan-pysmydan…
Wee… Eee?..

* * *

Nämüçin el telefonynda surata beýle köp düşülýär? Akylly telefonlar muny mugtuna edýär diýipmi?
Käşgä tölegli bolsady. Meselem her surata bir lira. Girdejisi-de köçede entäp ýören eýesiz itlere bagyşlansa. Eýýäm gorsanyp oturanlaryňyzyň bardygyny bilýärin. Käbirleriňiz gowy görýärsiňiz, käbirleriňiz «hoşniýetlilik edýärsiňiz», käbirleriňiz gorkýarsyňyz we ýigrenýärsiňiz.
Umuman hemmäňiz diýen ýaly itleriň ýanyndan geçende olardan has gymmatlydygyňyza ynanýansyňyz. Men däl.

* * *

Adamlar ýene-de bu telefonlarda köp gürleşýär. Köplenç (garşydaş tarapy ýanyňyzda görmezligiň belli bir derejede aşyp bolmaýan ynamsyzlygy bilen) belent ses bilen.

Birem käte gürleşýän adamlara «kiseden görünmejek» hereketler edilýär. Eller, gollar gürleşmäniň akymyna görä hereketlenip bilýär. Sen arasyndan geçjek bolup ýörkäň gözüňe barmak gireriňden gorkýaň. Ýöne ol muny duýýanam däldi. Çünki gürrüň has wajyp, özi has wajyp, barmak has wajyp…

Käte-de öz sesinden başy aýlanyp hemmelere ýöriteläp «göni efirde» çykyş edýänler bar. Aýratynam ýapyk ýerlerde. Meselem, awtobuslarda, restoranlarda, marketlerde çekip-çydar ýaly däl.

Isleseň, islemeseň diňlemeli bolýarsyň: «Men şuny şeýtdim», «men şeýle diýdim», «men şeýle tankyt etdim», «men agzynyň paýyny berdim»… Baý-baý, sen kim ekeniň-ow, aga, uýa!..

* * *

Uçardaky epizodlar hem çekip-çydar ýaly däl. Uçulmanka we gonulandan soň hemişe şol bir aýdylýan sözler:

«Bolýa, uçup barýas indi. Hoş onda».

«Uçup barýas, aeroportyň gonuş zolagynyň ýarsyny geçdik».

«Uçar howalandy, telefonyňyzy öçüriň diýýärler…»

«Şumat gonduk, uçarda men şumat».

«Ýok, heniz düşmedim, uçar gondy, men düşemok».

«Şumat howa menziline golaýlaşyp barýas. On minutdan çykaryn».



* * *
Ýüzler, mimikalar dürli-dürli. Kimsi şadyýan görünýär, kimsi gamgyn, kimsi gaharly…
Hemmesi-de bir zadyñ pikirinde. Haýsy pikir has agdyklyk edýärkä eýse:
Synlama-görme pikirimi, bir mümkinçilik döräp topa girsem tamasy bilen gezýänimi?
«Näme bolupdyr? Maşynyny degripmi? Hökman añyrdaky günäkärdir!»
«Arada mende-de şeýle boldy. Gyra sowdum-da, tutdum ýakasyndan…»
«Aslyñ nireden? Içindenmi?»

* * *

Edil häzir şu ýerden geçip barýan adamlaryñ näçesi ganhorka? Näçesi ahlak taýdan bozuk? Näçesi ogry? Näçesi jümri? Näçesi para aldy? Ýa-da berdi?
Näçesi ýalançy diýip biljek däl. Hemmesi-de ýalançydyr. Ýöne näçe ýygylykda we haýsy ýalanlary sözländigikleri dürli-dürlidir.
Kim has ussatlyk bilen ýalan toslap bilýär? Ýa-da töhmet atyp?

Şugulçylyk edip biljegi näçe?
Ýallaklap oňarjagy? Aý, ýok, onam soramaýyn. Hemmesem oňarýandyr, bilýän.

* * *

Kim bu töweregimizdäki adamlar? Nirden gelip nirä barýarlar?
Nämüçin beýle gyssanýarlar? Barýan ýerleri şeýle wajypmyka?
Ýa bir zatlardan gaçyp barýarlarmyka?
Kim bular? Hakykatdanam ýaşap ýören adamlarmy? Ýa bolmasa diňe sahnada görnüp, rollaryny oýnap geçip gidýärlermi?

Hakan AKSAÝ.

@AksayHakan
aksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 01.06.2024 ý. Publisistika